# Şamda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şamda ŞAMDA




Gara bulut şamy garaltdy hasam,
Ölleýär şemaly ýagyş sepeläp.
Ýuwýar ol şäheri, kalbymam bile,
Tüýs meniň söýýänim!
Ýörün gezmeläp.
Nätanyş adamlaň sowuk seredýän
biperwaý nazarnyň geçýän deňinden.
Gaty göremok men, ynanýan:
Olar
razydyr ykbalnyň duş edeninden.

Köp-le bu jaýlaryň her birinde-de
Aňyrsynda çyra ýanýan penjire.
Meň üçin söýginiň yşygy olar,
Ýokdur onda orun gussa, ejire.

Getiresim gelenok meň şu pursat
Golaýma ýakymsyz oýy, hyýaly.
Ýagyşdyr ol ezen kirpiklerimi,
Ýatlamaň siz aglap barýan aýaly.

Çemen ANNABERDIÝEWA. Goşgular